# Weterinariýa gullugynyň wekilleri BOMCA maksatnamasynyň çäginde geçirilen “Okuw sapaklaryny geçirmegiň döwrebap usullary” atly okuw maslahatyna gatnaşdylar

Şu gün “Arçabil” myhmanhanasynda Merkezi Aziýada Serhetleri Dolandyrmak Maksatnamasynyň (BOMCA-10) çäginde 2025-nji ýylyň 21–23-nji maýy aralygynda geçirilen **“Okuw sapaklaryny geçirmegiň döwrebap usullary”** atly **okuw maslahaty** üstünlikli tamamlandy. Bu **okuw maslahaty** işgärler üçin sapak berýän mugallymlar hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynyň işgärleri üçin guraldy.




**Okuw maslahatyna** Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet weterinariýa we karantin gullugynyň wekilleri, Serhet we Içeri işler ministrlikleriniň institutlarynyň mugallymlary, Gümrük gullugynyň Okuw merkeziniň, Migrasiýa gullugynyň okuw bölüminiň hem-de Oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymlary gatnaşdylar.

Üç günlük **okuw maslahatynda** halkara hünärmeni hökmünde **Kazakowa Ýuliýa**

Все права защищены

**Aleksandrowna** çykyş etdi. **Okuw maslahatyň** esasy maksady – gatnaşyjylaryň bilim we başarnyklaryny ýokarlandyrmak, häzirki zaman okuw usullary arkaly okatmagyň netijeliligini artdyrmak, diňleýjileriň höwesini we işjeňligini ýokarlandyrmakdan ybarat boldy.

**Okuw maslahatyň** jemleýji böleginde we netijeleriň jemlenilişinde, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet weterinariýa gullugynyň Halkara we ylmy aragatnaşyklary bölüminiň başlygy **Arslan Soltanmyradow** çykyş etdi. A.Soltanmyradow çykyşynda **okuw maslahatyň** esasy maksadynyň gatnaşyjylary toparlaýyn dinamika ösüşiniň kanunlary, bilim gurşawyny dolandyrmagyň täsirli usullary we okalýanlaryň höweslendirmesini (motiwasiýasyny) döretmek we goldamak boýunça bilim bermekden ybaratdygyny belledi. **Okuw maslahatda** häzirki zaman bilim tehnologiýalarynyň giňden ornaşdyrylmagy aýratynlyk hökmünde nygtaldy. Bu usullaryň ulanylmagy okuw prosesini diňe bir janlandyrman, eýsem onuň amaly ähmiýetini hem ýokarlandyrýar. Gatnaşyjylaryň alnan bilimleriniň hünär derejesiniň ösmegine hem-de ýurdumyzyň hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagyna hyzmat etjekdigine berk ynam bildirdi.

**Türgenleşigiň wezipeleri:**

– Toparyň dinamiki ösüş kanunlary we olary dolandyrmak usullary bilen tanyş etmek;

– Bilim gurşawyny döretmegiň gurallary bilen tanyş etmek;

– Okaýanlaryň (diňleýjileriň) höweslendirmesini (motiwasiýasyny) döretmek we dolandyrmak şertleri bilen tanyş etmek.

**Türgenleşikden garaşylýan netijeler:**

– Okuw görnüşleri we usullary bilen tanyş bolmak;

– Toparyň dinamiki ösüşiniň kanunlaryny bilmek;

– Okaýanlaryň höweslendirmgiň (motiwasiýasynyň) görnüşlerini bilmek.

Все права защищены